# Duman daganda: Ýalňyşdygyň-öldügiňdir

Category: Kitapcy,Romanlar,Sözler
написано kitapcy | 26 января, 2025
Duman daganda: Ýalňyşdygyň-öldügiňdir



- **Ýalňyşdygyň-öldügiňdir**

"Merkezi gazetde özüniň öwülip ýazylmagy hem ýokardakylara täsir eder ahyry. Ol raýonyň pagta planyny elli prosent artygy bilen doldurdy. Respublikada üçünji orna çykdy. Bu ýöne-möne iş däl-ä. Muny neneň göz öňünde tutman oňarkalar? Aman Garajanyň özem: «Göz öňünde tutarys» diýýädi ahyry." Hekimow Bäşim Gylyjy ýygy-ýygydan Aşgabada ugradyp, şol Kör kişä dürli-dümen sowgatlar eltdirýärdi. Haly portretiň dokalşyndan habar aldyrýardy. Aman Garajaýewiň ýaş toýy ýakynlapdy. Amatly pursady elden bermejek bolmaly».
Bäşim Gylyç soňky gezek gidende Aşgabatdan jaň etdi. «Birigün gelip gitseňiz ýagşy boljak. Ýaşulynyň altmyş ýaşyny bellejekler». Hekimow ýarawsyz garyndaşyny bahanalap Ataýewden

rugsat alyp Aşgabada uçdy. Barsa, ullakan haly-portret horaz ýaly çog gyzaryp öňünde ýatyr. «Ynha, ýaşuly halyň-a taýýar. Şuny alyp häzir Kör kişiňkä gitmeli. Ol bizi Aman Garajanyň uýasynyňka äkitmekçi».

Olar Kör kişini hem alyp az salymdan Aman Garajanyň uýasynyň giň howlysyna girdiler. Gartaşanlygyna bakman daýaw, görmegeý zenan bulary mylakatly garşy aldy. Şeýle bir eli açyklyk bilen hyzmat etdi. Şonda o zenanyň Kör kişä aýratyn sarpa goýýanyna Hekimow dagy göz ýetirdiler.

– Uýam! Aman inimiz altmyş ýaşansoň ähli adam ony gutlaýa. Ýöne meniň akylly inilerimiň biri häzir Pendiniň raýkomy. Oňa Hekimow diýýäler. Ana şol has üýtgeşik gutlapdyr. Amanjany seň bilen bilelikde gutlapdyr-a. Hany, oglanlar ýaňky halyny ýazyň bakaly.

Bäşim Gylyç haly portretiň düýrümini ýazdy-da öňünden sallap öý eýesine baka öwrüldi. Halyda Aman Garaja bilen uýasy janly ýaly bakyp otyrdy. Aman Garajanyň uýasy nebsewür bakdy.

– Bä-äý, dünýäde gowy adam kän-ow. Görüň, meniň şekilimi hala göçürip geläýipdirler.

– Ikiňizi-de edil özüňize meňzedipdirler. – Kör kişi hiç bir müýnsüz sözledi, onuň sözüne geň galan Hekimow Aman Garajanyň uýasyna garap goýberdi. O bolsa özge hiç zada üns bermän, halyçany synlaýardy hem-de alkyş baryny okaýardy. Onuň minnetdar görnüşni synlap Hekimow hem, Gylyjow hem begendiler. «Aman Garajanyň açary tapylaýan bolsa gerek».

Olar gaýtjak bolanda Aman Garajanyň uýasy Kör kişini bir gyra çekdi-de pyşyrdap bir zat diýdi. «Uýam, biziň inimiz Amanjany gutlap gaýtjak diýýä weli… «Haçan barsa-da ýagşy kabul eder. Özüm berk tabşyryn. Şu gün kabulhanada garaşybersinler.

Hekimow göwnühoş bolup gaýtdy. Şeýtmesek boljagam däl-le. Ataýewiň minnetini çekibem ýaşap bormy?! Üstesine-de, ol seni möjek gemren ýaly, gemirip-gemirip, ahyrynda pyzyp goýberjek. Öz ornundan gabanjyna her zat etmäge taýýar. Indi dagy gudasy Baýry bolsa ony-da bir ýere dikesi geler. Eger şujagaz oýunlarymyz jüpüne düşse, gül ýalak boljak-da. Birden Aşgabatda gowuja ýere geçiräýseler, Ataýewiň-ä dişinde et galar. «Wah, gijä galdym» diýip, içi tütese gerek.

Anna güni. Ir bilen sagat dokuzda Hekimow örän bezemen geýnüwli, goly papkaly, gabarylyp, howlukman, saldamly ädim urup depesinde gyzyl baýdak pasyrdaýan belent ymarata girip gitdi. Garajaýewiň kabulhanasyna baranda bir topar adama gözi düşdi. «Eýýäm-haçan üýşüp ýörkäler? Edil jyn üýşen ýaly»
Gutlamana gelenleriň köpüsi oturgyçlarda otyrdy, birküç sany aýal göze ilginç geýnip, ýüzüne reňki bolluk bilen çalyp, goly gülli garaşýardy. Olaryň ählisinde dabaraly pursata garaşýan adamyň badyhowalygy duýulýardy. Bularyň köpüsi Hekimowyň öň gören, tanaýan ýa-da daşyndan gören wezipeli adamlarydy: ministrler, bölüm müdirleri, uly-uly edaralaryň başlyklarydy. Erinlek general, ukuly ýaly gözlerini süzüp nobatyna garaşyp otyrdy. Sekretar zenan Hekimowyň familiýasyny, wezipesini ýazyp aldy. «Siz ýoldaş Rozykulowyň yzyndan girersiňiz».
Gutlamaga giren juda uzak eglenmän çykýardy, töweregindäkilere, sekretar zenana minnetdar baş atyp gidýärdi, olaryň ählisi mährem ýylgyrýardy, göwni kuwwatlanyp, bir ýagşy umyda gol berip gidýärdiler. Aman Garajaýew olaryň hersiniň goluny hökman gaty gysyp, ýylgyryp bakýardy, gutlag sözüni baş atyp, baş atyp diňleýärdi, öz minnetdarlygyny aňladýardy, garşysynda duranyň eşidesi gelýän sözlerini hökman aýdýardy: «Gaýrat ediberiň. Özümiz göz öňünde tutarys». Öň on ýyllap eşide-eşide gelýänlerem, ilkinji ýola diňleýänlerem bu sözi şol bir umyt bilen kabul edýärdiler.
Aman Garajanyň daş görnüşi şadyýan görünse-de, diňe etlek çekgeleri gülýärdi, şo-ol öňki synlaýjy, beýniňi burawlaýjy gözleri her geleni ýaňadan synagdan geçirýärdi, bu taýda munuň üçin üýtgeşik ölçew ulanylmaýardy, diňe ýekeje zat anyklanylýardy: şu biziň adamymyzmy ýa dälmi?
Gutlamaga kabinete girýänleriň yzy üzülmese-de, kabulhanada adam köpelmese azalmaýardy. Sekretar zenan soňky gelenlere öýlän gelmegi maslahat berdi. «Aman Garajaýewiç häzir arakesmä çykýar. O biçärä rehmiňiz insin ahyry, bu gün çäşlik süýdüni-de içibilmedi».
Hekimowyň nobaty golaýlaýardy. Ol kabinete girende näme diýjegini içinden gaýtalap otyrka, birden kabulhana Ata Ataýewiç girdi. Onuň gaharly garaýşy Hekimowyň sähel gorkuly

bakyşy bilen çaknyşdy welin, Hekimow näme pikir edýänini hem şobada unutdy, özüni her näçe pugta saklajak bolsa-da başarmady. Sussupeslik, güýji asgynlyk hem-de müýnlülik özüni görkezdi oturyberdi. «Sen-ä namart Hekim bolduň».

Sekretar zenan Ataýewi görenden süýji jidirdäp başlady. «Ata Ataýewiç, sizi görenime şatdyryn. Geleweriň, geleweriň. Çaý demläýinmi ýa kofe içermisiňiz?» Ataýew zenanyň ýylgyrmasyna jogap bermän, şol bir durkuny ýumşatman, eşidiler-eşidilmez «Sag boluň, wagt ýok» diýdi-de göni Garajaýewiň kabinetine tarap ýöneldi. Özi hiç kimiň ýüzüne bakman, hiç kime salam bermän, diňe salam berýänlere dodagyny sähel gymyldadyp jogap berip gelýär. Ol Hekimowyň deňinde sähel saklandy welin, Hekimow laňňa ýerinden galdy.

– Salowmaleýkim, Ata Ataýewiç.

– Salam. Merhumy jaýladyňyzmy? Yzy ýarasyn.

– Sag boluň.

Ataýew Hekimowyň deňinden geçip, hiç bir nobata bakman, kabinetde özge adam barlygyna garaman, Garajaýewiň kabinetine gaty arkaýyn girip gitdi. Az salymdan sekretar zenanyň stolunyň çep gapdalynda oturdylan gyzyl çyrajyk ýanyp-öçdi welin, zenan tiz turup kabinete ylgady. Girişi ýaly hem tiz çykdy. «Aman Garajaýewiçiň gyssagly işleri ýüze çykdy. Ol arakesmä çenli adam kabul edip bilmeýär». Kabulhanadaky adamlar badykeş dagaşdylar, ýöne olar garaşmak hernäçe ejirli bolsa-da gutlamaga gelmegi zerur hasap edýärdiler. «Bu amatly pursady boş geçirip bolmaz-a. Hekimow hem gaýtdy. Kabinetlere aýlanyp tanyş-bilişleri bilen salamlaşdy. Naharhanada işdäsiz garbandy. Arakesme wagty tamamlanandan ýene kabulhana gelip şol öňki oturgyjyna çökdi. Ol Ataýewiň alnynda öz syrynyň açylanyny ýagşy duýdy. Hut şonuň üçin Ataýew: «Merhumy jaýladyňyzmy? Yzy ýarasyn» diýip, rüstem kişiniň heşelleli heňinde dillenipdi. «Kimiň merhumdygyny görübermeli bolarys». Hekimow indi yza dolanmaga ýer galmandygyny, diňe öňe dyzamasa, gijä goýman Ataýewiň penjesinden sypmasa, häzirki ornunda saklanyp bilmejekdigini zol-zol hakydasynda oýarýardy. Ýöne Garajaýewiň kabinetinde Ataýewiň uzak eglenmegini hem ýagşylyga ýormady.

Ahyry Hekimow Garajaýewiň huzurynda häzir boldy. Şol ýylgyrýan ýüz, şol mylaýym owaz, şol mährem sözler.
– Hekim, senden göwnüm bitdi. Kyrk müň tonna bererin diýdiň, şonam kommunistlerçe bitirdiň. Şonuň üçin Partiýanyň Merkezi Komitetiniň adyndan çuňňur minnetdarlyk bildiresim gelýä. Goldanyň üçin sag bol. Saňa gowuja ýeri göz öňünde tutýas.Arada gazetde öwüp ýazypdyrlar. Gaty begendik. Saglyk bolsa, hemme zat gül ýaly bolar.
– Sag boluň, Aman Garajaýewiç. Sizden ömürlik minnetdar.
Hekimowyň ruhy kuwwatlandy, ýene uly umytlar köräp ugrady. Ol şo ahwallara bürenip Aşgabatdan gaýtdy.
Kabul edişlik, hoş sözleşik bolsa uzak dowam etdi. Dogrusy, şo bir sözleri gaýtalamakdan, şo bir sözleri eşitmekden, şo bir gol gysyşmakdan Garajaýewiň özi hem halys surnukdy. Ynha, häzir kabul etmäni tamamlap, giň penjireden daşary bakyp durşuna oýa batdy.
Altmyş ýaşadyň, Aman. Bu ýyllar armanly geçmedi-le. Bagt paýlananda-da hiç bir ömre şeýle paý düşen däldir: altmyşyň on bäş ýylyny birinji bolup oturdyň. Gelenler baş egip geldiler, baş egmedikleriň bilini egdiň, bilini egmedikleriň oňurgasyny omurdyň. Sen hemmelerden rüstem bolduň, Aman. Ýöne, arman, ömür baky däl, wezipe-de ömürlik däl. «Pensiýa çyk» diýip, Moskwadan jaň etmekleri mümkin. Şonsuzam bu gün bolmasa, ertir ornuňy birine tabşyrmaly borsuň. Bardy-geldi, Moskwa senden maslahat sorasa, sen kimi hödürlärsiň? Kimi öz ornuňa mynasyp mirasdüşer hasaplarsyň? Kim birinji bolsa seniň ýoluňdan ýörär, kim seniň özüňe, tohum-tijiňe häzirki sarpaňy soňam saklamagy başarar?
Dost kän, garyndaş kän, çyn wepadar tapmaly. Ýalňyşdygyň – öldügiňdir.
Garajaýew düýnki, şu günki gutlamaga gelenleri, respublikanyň çägindäki uly wezipelileri birme-bir göz öňüne getirip başlady. Biriniň partiýa tejribesi az, biri gartaşan, biriniň boýny ýogyn, birinde gerekli sypatlaryň ählisi bar, ýöne jübüsinde it uwlaýar, başga biri aýalbaz, ýene biri wepa bermejeklerden. Garaz, şeýdip seçe-seçe, saýlaý-saýlaý, ahyry, üç kişide ünsi eglendi. Üçüň biri hasam wepaly. Ýygnaklarda

dagy, edil atasyny gujaklaýan ýaly, mähirli gujaklap, mertebeli sözler aýdyp, ähli märekäniň ör turup, el çarpmagyny gazanýar. Bir gezek dagy Aman Garajaýew derçirän kellesini şemallatmakçy bolup şlýapasyny ele alany hem şoldy weli, wepadar kişi mähelläniň içinden sümülipgeldi-de onuň edil alkymyndan çykyp, şlýapany özi göterdi. «Beýik kişiniň şlýapasyny götermegem bagtdyr». Şondan soň Garajaýewe bu kişi aýratyn ýakymly göründi. Häzir hem ol elinden gelse, ozaly bilen şol wepadar kişini arşa götermekçidi.

* * *

Hekimow Aman Garajaýewiň kabul edişliginden uly umyt bilen gaýdyp gelensoň, ähli ahwallary, ähli ýagdaýlary degşirip-deňeşdirip, netije çykaryp başlady. Eger Garajaýew Ataýewiň aýdanyna gulak gabardan bolsa, onda ol beýle mylaýym sözleşmezdi ahyry, üstesine şondan soň Ataýewiňem dili süýjedi. «Diýmek, Kör kişi täsir edip bilipdir». Emma hiç zat üýtgäbermedi. Hekimow Bäşim Gylyjy ýaňadan Aşgabada Kör kişi bilen gepleşmäge ugratdy. «Garaşyberiň. Aýdylyşy berkdir». Hekimow uzak garaşmakdan bir ýakymsyzlyk syzyp, hasam birahatlanyp başlady. «Şular dilleşip, meniň işimi görjek bolýan bolaýmasynlar?!» Hut şeýle müňkürlik Hekimowy sarygarynja ýaly gemirýän döwürleri bir gün gije Agaýew ýetip geldi.
— A-how, Hekim, bi nä zatdan bihabar ýatyrsyň-la?!
— O nä habar?
— Seň aýagyň aşagyny gazyp başlapdyrlar, menem şu gün duýup galdym.
— Kimmiş ol?
— Hekim äsgermezlik etme. Ataýewiň ogly şu taýlardan bir gyz alanmyş, ana, şol gyzyň agasyny seň ornuňa taýýarlaýarlar.
— Myş-myşdyr-la.
— Bä-äý, seniň şi ýerliksiz arkaýynsyramaň aýryljak däl-ow. Men-ho-ow, gaty ynamly ýerden eşitdim.
— Bäh! — Hekimow indi muňa pugta ynandy, ýöne öz ornuna birden-bire Baýrynyň hödürlenmesine geň galdy. — Göni birinji

edäýjekmikä? Raýispolkoma başlyk etsin, raýkoma ikinji, sekretar etsin, oblasta bir wezipä çeksin, ýöne oba hojalyk uprawleniýesiniň naçalnikliginden birinji etmesi bolmaýa.

— Heh, geplediň-ow. Näme bolman?! Özüňem şo wezipeden birinji bolduň-a.

Şol günden başlap, Hekimow öz ornuny Baýry almaz ýaly öňünden gyssagly çykalga gözläp başlady. Ol Ataýew bilen telefonda gepleşende-de, duşuşykda-da (bu döwürler sähel bahana bolsa Ataýew bilen duşuşasy geldi durdy) özüni oňa has ygrarly görkezjek bolup, onuň tutuşlygyna Baýrynyň tarapyna geçmegine ýol bermejek bolup dyzady. Bir gezek bolsa Ataýewe: «Baýry işläbilýänini mazaly görkezdi. Onsoň meniň raýispolkomym iş başaranok welin siz garşy bolmasaňyz Baýryny goýaýsak düzetjek-dä» diýdi. Ataýew has dikelip oturdy-da Hekimowa juda dykgatly garady, onuň göreçlerine görejini gezäp, az salym many okady. Soň bolsa: «Diýmek, Baýry gowy işleýär-dä» diýip, ýakymsyz ýylgyrdy. Baýryny raýispolkomyň başlygy wezipesine hödürlemek bilen Hekimowyň neneňsi oýun etjek bolşuna Ataýew aňry ýany bilen düşündi. Hekimowam bu sapalagyny gizläp-basyryp bilmänine mazaly göz ýetirdi. Şol duşuşykdan soň Hekim Hekimowiçe wezipeden gidýän adamyň howlukmaçlygy aralaşdy.

Ol Bäşim Gylyjyň ýüküni ýetirip derrew Aşgabada ugratdy. «Bar, aýt-how şo Kör kişä: öňürti bermeli bolsa, öňürti alsyn, ýöne işi düzetsin-ho-ow. Bolmasa, Ataýewiň bir eli meniň bokurdagymda». Kör kişiden şol öňki jogaby eşitdiler: «Garaşyberiň. Aýdylyşy berkdir». Bäşim Gylyç bu jogaby getirende Hekimow gaty hapa sögündi. «Hudaý seni bilip kör edipdir. Kör halyňa gözlüleri aldaýaň, gözlükäň nähilikäň?»

Onsoň raýonda wezipeden aýrylyşyk başlandy: raýonara söwda bazasynyň, durmuş hyzmatyny edýän kombinatyň, kolhozara gurluşyk kontorasynyň, çakyr zawodynyň ýolbaşçylaryny ýene-de şuňa meňzeş «düşewüntli» hasaplanýan orunlardaky adamlary gyssagly çalşyryşdyrdy. Muňa Hekimowyň ýönelige şeýtmeýändigini köpi gören adamlar bilýärdiler. «Näçe tiz-tizden çalyşdygyňça, düwünçegiň sany-da şonça artýar».

Howply dymyşlyk ahyry jaýryk açyp başlady. Obkomyň birinji sekretary Ataýew Hekim Hekimowiçi öz kabinetine çagyrdy.

— Hekim Hekimowiç! Ne sebäpden çagyrlanyňy güman edýämiň?
— Hawa-la, obkoma çagyrlar-da ýüzünden sypalmajagyny her kimem bilýändir. Käýejeksiňiz-dä.
Ata Ataýewiç gülüp sözledi.
— Bä-äý, obkom hakda gowy pikirde däl ekeniň-ow.
— Degişmedir-dä, Ata Ataýewiç.
— Düşünýän-le. Hany, otur bakaly. Bu sapar käýemek üçin-ä çagyrmadym. Ýöne Hekim Hekimowiç, bir zady öňünden şertleşeli: şu gezek gaty açyk gepleşeli. Raýonyň içinde näme bolanyndan habarlysyň?!
— Hawa-la.
— Öz kemçilikleriňi-de özüň gowy bilýänsiň?!
— Aý, indi kemçilik diýip…
— Ýok, Hekim Hekimowiç, biz açyk gepleşeli diýip şertleşdik ahyry. Gel, bir-birimize bir dogrymyzy aýdaly-la. Eger sen bilmeýän bolsaň, biz gowy bilýäs. Diňe geçen möwsümde pagtanyň ýigrimi-otuz prosentini satyn alanyňyzy bilýän däldir öýdýämiň?! Düýplüje derňesek, şondan hem köp zat biljegime gözüm ýetýä. Dogry dälmi?
— Ata Ataýewiç, kemçiliksiz iş bolmanyny bilýäňiz-ä.
— Ýöne kemçiligiň uly-kiçiliginde gep bar. Indi döwürler üýtgeýä. Ýagşy-ýaman işler üçin berk hasap soralyp başlanandan habaryň bardyr. Eger ýagdaýa gowy akyl ýetirseň, onda saglyk ýagdaýyňa görä arzajygyňy ýaz.
Hekimow şobada başyny sallady. Ataýewiň jogaba garaşyp dymýanyny hem duýup bilmedi, birhaýukdan özüni tutup dikeldi, tekiz çalaran saçyny sag eli bilen sypajak bolanda Ataýew onuň eliniň titreýänini gördi. Şol titremäni görüp ol özüni ýeňiji, maksadyna ýeten hasap etdi. Bu oňa täzeden hüjüm etmäge kuwwat berdi.
— Sen özüňe ýamanlyk ediljek bolýandyr öýtme, Hekim Hekimowiç. Beýle etjek bolsak, seň bilen gepleşmän, işi prokuror gutarar ýaly-da edibilerdik. Ýöne häzirki ýol amatly, yzyny ýitirmeli, ana şonda edilen işleriň üstünden baranlarynda-da işden aýrylan diýip sypyp bolýa. Düşünýämiň?
— Ata Ataýewiç, juda çökder giden däldiris-le.
— Nämäniň gürrüňini edýäň?! — Ol uly seýfden bir papka

çykaryp, stola gaharlyrak taşlady. – Ine, gardaş, şundaky arzalaryň birine güýç bersemem, seni tüweleý göteren ýaly, bi jelegaýlardan tapmazlar… Ýöne sessiz-üýnsüz ýylmap goýberäýjek bolýan. Onsoňam ýokardakylar bu zatlardan bihabardyr öýtme, men saňa şolaryň aýdanyny aýdýan – Ataýew papkadan bir kagyz çykaryp Hekimowa uzatdy. – Al, şuny okap gör. «Hekimow dindar. Ähli ogluny sünnetletdi. Şeýle yzagalak adam raýkomyň birinji sekretary däl, ýönekeýje kommunist bolmaga-da mynasyp däldir…»
Hekimow kagyzdakyny okap, ýene aşak garap dymdy. Ata Ataýewiç stolunyň üstündäki arassa kagyzlaryň bir petdesini aldy-da «Bol, ýaz!» diýen manyda Hekimowyň öňüne atdy.
– Ata Ataýewiç, men bir oýlanaýyn.
– Indi oýlanara wagt ýok. Sen diňe ikiden birini saýlaý. Ýa birinjini, ýa-da…
Hekimow ak kagyzda ruçkasyny ýöredip ugrady. Sähelçe salymdan arzany uzadanda Ata Ataýewiç arzada: «Saglyk ýagdaýyma görä meni eýeleýän wezipämden boşatmagyňyzy haýyş edýärin» diýen sözleri okady.
– Bolsa-da sen mert ekeniň, ýagdaýa düşündiň. – Ataýewiň ýüzüne ýene ýumşaklyk aralaşdy – Ýagşy, onsoň, öz ornuňa kimi hödürleýäň?
– Ony özüňiz gowy bilersiňiz.
– Öňi-soňy sen raýonyň kadrlaryny bizden gowy bilýäň-ä.
– Bizde gaty işeňňir birküç sany oglan bar, şolary nirä goýsaňyzam başarmaz öýdemok. – Hekimowyň öýkeli owazy az-kem düzelişip ugrady.
– Kimler? – Ataýew ruçka el ýetirdi.
– Baýryny-ha öň aýdypdym. Onsoň Aky Ýusubow bar, örän düşünjeli, özem ýadadymy-ýaltandymy ýok. Orgotdelimiz Geldi Gullyýew bar. Olam ýaman däl, ýöne ýaşy ep-esli bar, üstesine-de gaty ýumşak görünýär, ýöne hojalyga, adamlara belet, näme diýseň ylgaýa öz-ä. Ynha, şular. Öz göz öňünde tutýanyňyz bolsa-da näme…. goldasaňyz işlär-le. Başarmaz ýaly iş ýok.
– Bolýa-da, Aşgabat bilen maslahatlaşaryn. Hany, onsoň menden saňa nähili kömek gerek? Birinjilikden boşap, rahat gezerin öýtmegin, entejik işlederis.
– Özüňiz bir ýeri göz öňünde tutarsyňyz-da, Ata Ataýewiç.

Meniň size ýamanlygym ýöklugyny biler derejede işleşdikmikäk diýýän.
– Raýonda galmakçymy?
– Hawa, mümkin bolsa şu raýonda galdyrsaňyz. Şo jaýymy özümde goýmaga-da kömek edäýmeseňiz… tüwleme, indi çagalaram ýetişdi.
– O zatlar hiç-le. Ulag ýagdaýyň nähili?
– Oglanlaryň birinde köneje maşyn bar, başga zat ýok.
– Gerekmi?
– Ulusyny alyp bolaýsa…
– Wada bermäýin. Ony hökümet karary bilen berýänlerini bilýänsiň, ýöne haýyş edip hat ýazarys.
– Bolýar onda, sag boluň.
– Sag bolmaşak, ýöne gaty görmesi ýokdur. Plenum geçirenimizden soň iş bereris. Soňam näme meseläň bolsa habar ediber.
– Bolýa, Ata Ataýewiç, sag boluň.
Hekimow kabinetden gaty ýadaw çykyp gaýtdy. Il içinde aýdylyşy ýaly, kabinete girende ministr, çykanda pensioner bolup çykdy.
Romanlar